***Balkan welaýatynyň Balkanabat we Türkmenbaşy şäherlerinde Türkmenistanyň we Gazagystanyň sungat ussatlarynyň gatnaşmaklarynda dostluk konserti guraldy.***

Konsert ýurdumyzyň Balkan welaýaty bilen Gazagystanyň Mangistau oblastynyň arasynda baglaşylan degişli Ähtnamany durmuşa geçirmegiň çäginde geçirildi. Oňa Balkan welaýat häkimliginiň, jemgyýetçilik guramalarynyň, edara-kärhanalaryň ýolbaşçylary, Mejlisiň deputatlary, bu sebitde ýaşaýan gazak milletiniň wekilleri, Gazagystan Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we doly ygtyýarly ilçisi, Mangistau oblastynyň ýolbaşçylary, Aktau şäheriniň medeniýet bölüminiň aýdym-saz we tans toparlary gatnaşdylar.

Bu ýerde halkymyzyň milli el işleriniň, muzeý gymmatlyklarynyň, iki goňşy halkyň amaly-haşam sungaty eserleriniň sergisi hem guraldy.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены